***Tejribe hemme ýerde, hemme işde gerek, aýratyn-da, žurnalistikada bu has möhüm. Biz her ýyl öz hünärimize görä degişli ýerlere, aýratyn hem, ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň redaksiýalaryna, milli teleradioýaýlymlarymyza önümçilik tejribeligine ýollanýarys. Şeýdibem, öwrenen zatlarymyzy tejribe üsti bilen has-da berkidýäris.***

Her gezek önümçilik tejribeligini geçmegimiz talyplyk durmuşymyzda ýatdan çykmajak wakalaryň birine öwrülýär. Sebäbi biz tejribelik döwründe nazary bilimlerimizi amalyýetde özleşdirýäris, döredijilik adamlary bilen tanyşýarys, olar bilen pikir alyşýarys, täze iş endiklerini öwrenýäris. Biz diňe bir redaksiýanyň işini däl, eýsem, gazet-žurnallaryň çap edilişiniň usullaryny, çaphana işiniň aýratynlyklaryny hem öwrenýäris. Munuň özi biz — geljekki halkaraçy žurnalistler üçin kämillik mekdebidir. Tejribelik döwründe institutymyzyň «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetinde, şeýle hem internet saýtlarynda dürli temalardaky, şol sanda önümçilik tejribeligimiziň ähmiýetini şöhlelendirýän makalalar bilen çykyş edýäris.



Biz geljekde hem özümize bildirilýän beýik ynama diňe ýeňişlerimiz bilen jogap bereris. Ýaşlara ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

Все права защищены

**Halbibi SATLYKOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

Все права защищены